# Amazonkalylar hakynda

Category: Kitapcy,Sözler,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Amazonkalylar hakynda AMAZONKALYLAR HAKYNDA




Gadymy dünýä taryhynyň sahnasyna atly, pyýada, uruşdan goranyş şaý-sepleri, tuwulgalary, ýaraglary, okly peýkamlary bilen merdemsi giren türkmen Amazonka zenanlary hakynda ençeme asyrdan bäri kitaplar, eserler ýazylyp gelinendir. Olar uruşlara gatnaşan içkuzaý (içoguz) gerçekleriniň yzynda galan söweşjeň aýal-gyzlardan ybarat, grekleriň gözüne taýpa bolup görünen topar bolupdyrlar.
Gerodot, Diodor, Apollonius, Ýustinýa, Plin, ýaly gadymy dünýä taryhynda doly däl sanawdaky taryhçylaryň we ýazyjylaryň ençemesi Amazonkalylaryň ajaýyp ýurtlary hakynda birgiden maglumatlary öz eserlerinde ýazga geçirip bize gymmatly maglumatlary galdyrypdyrlar. Ýokardaky taryhçylar olaryň ýaşan çäklerini we ýerlerini Temiskira, Sarmatiýanyň we Skifiýanyň aralyklarynda we şol çäklerden gelendiklerini habar berýärýärler. Ýöne amazonkalaryň gadymy ýurdy Girkaniýa we Kiçi Aziýa ýarym adasynyň günbatar taraplarydyr. Amazonkalylaryň zenan patyşalary Pantesilea we onuň dogany Hippolitia hakynda rowaýatlar dörediliрdir.
Amazon sözüniň nähili manyda gelip çykandygy hakda grek klassyklary »Mazos» sözünden »gowüssiz» diýen manyny çykarýarlar. Olaryň iýýän iýmitleri ýylan we zemzem bolupdyr.

Olar anandros – erkeksiz ýaşaýan stryganor – erkek awçysy, androdamus – erkegiň eýesi, kreobotos – et iýýän, deineýra – erkegiň duşmany we airpata – erkek öldürýän ýaly manylardaky sözlerden aňladylýar. Amazonkalylar ýaňy dünýä inen gyzjagazlary zemzem suwy bilen suwa düşürýändikleri üçin »sauros» ady hem berlipdir, ýa-da »amassein» – erkek bilen jübütleşmeýän zenan – hem diýdiripdirler. Parsça bolsa » hamazon» »urşujy zenan» diýmekdir. Bulardan başga-da olar söweşlerde päsgel bermez ýaly sag göwüslerini kesýändikleri ýa-da ýakýandyklary hakynda aýdylýar. Olar şeýtmek bilen ok ýaý we naýzany kuwwat jemläp nyşana zyňmak bilen çalasyn herekete ezberleýärler.
Amazonkalylar kiçi Aziýada Ephesus, Sinope Paphos we Smyrna atly ülkeleri gurupdyrlar. Gerodot bolsa Amazonkalylara »Erkekleriň jellady» »Androk Tones» diýip at beripdir. Käbir rowaýatlara görä Amazonkalylaryň erkekler bilen jynsy gatnaşyga girmekleri düýbünden gadagan kasamy içýär ekenler we olaryň ýurdunda erkek-göbekli ýaşamaga milt etmändir. Amazonkalylaryň özleri bolsa birlikleriniň dowamyny saklamak üçin, ýagny nesil mirasy saklamak üçin Gargarean taýpalary bilen ýylda bir gezek duşuşyp gatnaşyk edipdirler, soňra dogulan erkek bäbekleri kakalaryna tabşyrypdyrlar ýa-da öldüripdirler. Gyz çagalary öz ejeleri, ýagny amazonkalylar ulaldyp ýetişdiripdirler. Aw-awlamagy, söweşmegi öwredipdirler. Amazonkalylar gadymy wagtlarda Lysianyň (Lycia) baştutanlygyndaky bolan söweşde Bellerophon tarapyndan ýeňilipdirler. Illiadada habar berilmegine görä Amazonkaly şa zenany Panthesilea Aşil tarapyndan öldürilipdir. Amazonkalylar Dunaý derýasynyň golaýyndaky Lenhe adasyna göçüp barýarlar. Bu ýere gelmekleriniň sebäbi Aşiliň esgerlerini kowup çykarmakdy.
Aýdylşyna görä Rim serkerdesi Pompeýiň ozalky duşmany Pontusyň aýaly Mitridat YI köşgünde Amazonkalylar hakynda gürrüňler gozgalýar.
Şu aýdylýan kyssa bolsa, Amazonkalylar hakynda aýdylan ýerliksiz geplerdir. Ýagny Amazonkalylaryň baş zenany Thalestrisiýa Aleksandr Makedonskiýniň goýnunda ýatypmyş. Ondan göwreli bolupmyş. Eger bu aýdylanlar hakyky bolsa Plutarh näme üçin bu maglumata ýalan diýýär ýa-da muňa ýalan diýmek bilen nämäni aýtjak bolýar? Ýa bolmasa Aleksandr Makedonskiýniň öz ýakyn egindeşi Lisimah »…şol amazonkaly Aleksandryň ýanyna gelen bolsa men şo wagt nirededimkäm?»

diýip bu habary eşidip bu gürrüňlere haýran galmak bilen aýdypdyr…
Indi bolsa Amazonkaly meşhur zenan serkerdeleri hakynda aýdyp bu makalany tamamlaýarys:
Ainiaan – Aşiliň duşmany. Troýa söweşinde şa aýal Panthesileanyň ýanyna goşulan 12 serkerdeleriň biridir. Ol Panthesileadan soň Amazonkalylaryň başyna geçýär.
Antribrote – hem Panthesileanyň 12 serkerdeleriniň biridir. Olaryň içinde Antiope hem bar.
Asteriýa – Gerakl tarapyndan öldürilen altynjy Amazonkaly zenandyr.
Kleýte hem Penthesileanyň 12 serkerdeleriniň biri bolup ýörüşleri birinde gämide deňiz ýoluny ýitirýär.
Helen – Titirusyň gyzy bolup Ahhiles bilen söweşipdir we agyr ýaralanypdyr, köp wagt geçmänkä hem şol yzasyndan ejir çekip ölüpdir.
Hippolite – Onuň kakasy uruşhudaýy Ares bolup, Hippolite onuň guşagyny gorap saklapdyr.
Melanippe – Hippolitanyň gyz jigsi, Gerakl tarapyndan alynyp gaçylýar.
Otrera – Aresiň aýaly bolýar. Hippolitia bilen Panthesileanyň ejesidir.
Thalestrisiýa – Aleksandr Makedonskiýniň döwründe ýaşan amazonkaly şaaýalydyr.
Amazonkalylar hakynda Gorkut ata eserinde »Alp gyzlar» diýibem aýdylyp geçilipdir. Zenan şahsyýetler